# Günleň kazasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Günleň kazasy GÜNLEŇ KAZASY

Uzaldylan kirpikleriň didäňe,
Kölge salýar, görkezmeýär garasyn,
Kalp gapyň gulply, seni idäne,
Ýa-da gizleýärmi ýürek ýarasyn.

Juwanlygyň ýaşy ösen ýaly-la,
Ýüze sürten renkleriňden peýda ýok,
Bir pursatlyk gelýänlerden ýanyňa,
Dünýäňe nur çaýyp bilýän şeýda ýok.

Salyň gowşak, halyň gowşak ünjüsi,
Şatlykdan nam-nyşan goýmandyr serde,
Kirpigňe düzülen ünjiň hünjüsi,
Şindiki ýoluňa boljakmy perde.

…Wagt geçer,
Ýene geçer,
Kän geçer,
Ýaşlyk geçer, alar ýyllaň mazasyn.
Gözleriň haýallar şöhlesi gaçar,
Okarmykaň bu günleriň kazasyn… Goşgular